# Türkmene ýaran ogul -4/ dowamy

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Söhbetdeşlik,Sözler,Türkmen dili
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmene ýaran ogul -4/ dowamy

**9. Türkmeniň oňurgasyny ýazdyrdylar**

K.M. Taryh döwürleýin esasda ýazylmaýar. Sowet taryh ylmyndaky ýaly bäşýyllyklaryň esasynda, gurultaýdan gurultaýa diýlip ýazylmaýar. Taryhy taryh edýän waka, wakany waka edýänem şahsyýet. Şahsyýeti şahsyýet edip, taryha girer ýaly derejä ýetirip bilýän belli-belli döwürler bolýar, oňa taryhy örküçler diýilýär. Örküç! Öwrüm! Şol ýerde boljak zat bolýar. Ykbal çözýän wakalar bolup geçýär. Türkmenleriň durmuşynda iň uly, iň ýowuz öwrüm otuzynjy ýyllarda boldy. Ol döwür taryha kollektiwleşdirme diýen at bilen girdi. Şol döwrem iň ýazylmadyk, iň işlenmedik döwür. Sapardurdy Kakabaýew diýen bir adam ilki kandidatlyk, soň doktorlyk dissertasiýasyny gorady, Istomin diýen rus adamy ýazdy, soň ýene-ýeneler ýazdy. Ýazyjylarymyz powest, roman, pýesalar ýazdylar.

T.J. Türkmen sowet edebiýatynyň elli prosent eseri şu temadan diýsegem öte geçmeris.
K.M. Emma şol döwre içgin girişilmedi. Menem, az-kem bilýän kişi bolsamam, öz aladam özüme ýetik, başga döwür¬lerden ýazdym ýördüm. Menem köp hakykata wagtynda düşünmändirin, kem-kemden düşündim. Menem iň beýik wakalar Oktýabr rewolýusiýasy, Horezm Respublikasynyň döremegi, soň Türkmenistan Respublikasynyň döremegi diýip gezdim. Soň seredip otursam, bularyň bary bärde galýar-da, hakyky öwrülişik otuzynjy ýyllara düşýär ekeni. Türkmeniň oňurgasynyň ýazdyrylan, biliniň epdirilen döwri otuzynjy ýyllar bolupdyr.
“Basmaçy” diýen terminiň döreýşinden başlaly. Bu söz “basmak”, “basyp almak”, “zorlamak”, “güýç görkezip almak” diýen manyda

getirilýär. Bu sözi termin hökmünde birinji gezek orta çykaran adam Lenin, Leniniň özi! Lenin muny nireden alypdyr? Muny entek takyklamak gerek. “Basmaçy” sözüniň uly bir taryhy termine öwrülendigini düşündirjek bolýanam ýok. Ol ýazgarmak, garalamak manyda ulanylyp gelindi.
Lenin Türkkomissiýanyň başlygy Ioffäniň adyna telegramma iberýär: “Sroçno soobşite, kak tam na Ferganskom fronte, kak idýot borba protiw basmaçestwa.
Telegrammanyň ýazgysyny nokatma-nokat aýtmadyk bolsam, bagyşlarsyňyz, ýatdan aýdýan, ýöne mazmuny şeýle. Ine, Lenin aýdandan soň basmaçy diýen sözi terjime etmegiň geregem bolmady. Şol göreşe-de basmaçylyk hereketi diýdiler. Men ýene öz garaýşymy aýdaýyn, basmaçylyk milli azat ediş göreşi. Has takyk aýtsam, onuň gözbaşy Türkmenistanyň Russiýa güýç bilen tabyn edilen döwründen başlanýar. On altynjy ýylyň, ýigriminji ýyllaryň wakalary-da şonuň dowamydyr. Jüneýit hanyň alyp baran göreşem şoňa girýär, ýagny milli azat ediş göreşine! Entek graždanlyk urşuna ýetilenok.
Graždanlyk urşy hakynda agzadyk, şol hakda-da durup geçeýin. 1918-20-nji ýyllar graždanlyk urşunyň ýyllary diýip, Türkmenistanyň taryhyna girdi. Gynansagam, hormatlaýan taryhçymyz Öwlülýägulyýewem şeý diýip ýazdy, soň Şamyrat Täşliýew ol hakda iki tom kitap çykardy. Ol şeýle bir owadanlabam ýazdy, dilem oňat, döwlet baýragynyň eýesem boldy, akademigem boldy. Täşliýew nähili ýazanam bolsa, türkmen onuň ýazan graždanlyk urşuna gatnaşmady. Gatnaşmady diýip, şol täze çykaran kitabymyzda ýazsam, graždanlyk urşy Türkmenistanda şol ýyllar bolmandy diýip ýazsam, soňra okuw programmasyny çykardylar, ýene uniwersitetiň mugallymlary şol döwri graždanlyk urşy diýip görkezipdirler. Näme diýjek, näme aytjak! Şol “Türkmenistanyň taryhyndan materiallar” diýen kitabymyzda men: graždanlyk urşy diýilýän zat Türkmenistanyň çäklerine ýetenem bolsa, iki tarapdan urşanlar Orsýetiň adamlary, orslar-u başga milletler, türkmenleriň özi gapdalda galypdyr diýip ýazdym. Rahym Esenowyň bir kitaby bar, podpolýe hakynda. Öwezberdi Kulyýew diýen bir adamy tapýarlar, ony gahryman edýärler, soň ýene birini tapýarlar. Gahryman bolsa

bolandyr, ýöne şolaryň biri-de türkmeniň adyndan graždanlyk urşuna gatnaşan adamlar däl, birjigi-de türkmeni goramak üçin çykan däl.

T.J. Sanlyja adamyň gatnaşmagy tutuş halkyň graždanlyk urşuna gatnaşandygyny aňladanok ahyry.

K.M. Ýüz adam, müň adam bolanda-da bolanok. Halk çetde dur. Men şeý diýip ýazdym, ýazdyrmajak bolup oýun baryny turuzdylar. 1992-nji ýylda taýýar edilen kitaby 1997-nji ýylda ölümiň öýünde çykardyk. Elbetde, bu ýerde başga-da sebäpler bar, ýöne şü-de bir sebäbi.
1918-20-nji ýyllar Türkmenistanda graždanlyk urşy boldy diýmek ýalan, töhmet! 1924-nji, 1927-nji ýyllarda bolan wakalar, Jüneýdiň göreşlerem entek graždanlyk urşy däl. Entek halk köpçüligi otyr. Ýaňy bir ýerde Jüneýdi halk halady diýip, biraz ulaldybragam aýtdym. Belli bir derejede halamagynyň sebäbi Jüneýit täze hökümete garşy baş göterdi, şonuň üçinem belli bir topar onuň yzyna düşdi, adam sanam köpeldi. Jüneýdiň goşunam döredi, ýöne entek göreş graždanlyk urşy diýer ýaly derejä ýetenok, entek uruş bir taraply gidip barýar.
Emma halkyň elinden ýeri, suwy, emlägi, aýratynam mal eýeleriniň maly gaňrylyp alnyp, düýnki garyp diýlip ýörlen ýalaňaçlar kolhozçylara, oba şuralaryna başlyk bel-lenip başlandy. Ýer gitdi, mal gitdi, gaçan gaçdy. Diňe Leb¬ap welaýatyndan gidenleriň sany müňlerçe. Obalar boşap galdy. Etrek sebitlerinden giden köp. Serhede golaý ýerlerden has köp adam gitdi. Şu gün-ä kolhoz guruldy diýýärler, bir batragy, ýalaňajy başlyk saýlaýarlar, ertir tursalar oba ýok, hemme kişi serhetden aňry geçipdir, şolaryň ugruna düýnki başlyk saýlananam gidýär. Soň şol giden başlykdan sorasalar: kolhozyň emlägi pylanylaryňky ahyry, men oňa eýe çykyp bilmen-ä diýýär.

T.J. Onsoňam, onuň tutuş tiresi gitdi, ol galyp bilmez-ä!

K.M. Baý, kulak diýlip gümlenen adamyň sany köp¬di. Sibirden, Gazagystandan, Täjigistandan çykardylar. Galanynam basmaçy diýip gyryp başladylar. Şu ýerde baş gö-terenler köpeldi. Indi

türkmen bölundi. Türkmen türkmene garşy göreşip başlady. Biri sowet otrýadyna giryär, beýlekisi basmaçylaryň arasyna barýar. Bu özara göreşe çykmadyk türkmen raýony ýok. Erbet gyrlyşyklar başlanýar. Käbir ýerde tutuş obalaryň gyrlan ýeri bar. Aşgabat bilen Tejeniň aralygynda, gumuň içinde oturan Keltegoňur diýen oba bar. Şol obadan gyrlanyň sany altmyşdan geçýär. Men aspirantymy ýörite iberip, takyklap gel diýdim, şonuň spisogyna giren altmyş adam. Eneler çagalaryny çuwal bilen tärimiň arasyna daňyp, ýa-da guýa sallap goýýarlar, şeýdip ölümden halas edenler bar. Galanlaryň bary gyrylýar. Şu faktlar biziň arhiwlerimizde saklanmandyr, sebäbi, diňe basmaçyny gyran barada ýazylýardy. Ýazyjylaryň eserlerinde-de bu pajyga barada ýazylmandy. Basmaçylyk hereketiniň örküji 1931-nji ýylyň tomsuna, güýzüne gabat gelýär, soň kem-kemden yza gaýdyşyp başlaýar.
Ine, şu aýdylan döwre türkmenleriň graždanlyk urşy diýmeli. Bolşewikler tarapyndan aldanan türkmenler bilen namys üçin, emläk üçin ata çykan türkmeniň arasynda bolan uruş. Şol döwürde türkmeniň hökümetden eden haýyşy şundan ybarat: maňa degme, göbek ganymyň daman topragynda meni günüme goý. Kesekiniň üstüne basyp almak maksady bilen barmadym, başgany ýazgarmadym, başga millet diýip hiç kimi kemsitmedim diýipdi diýsem, bir taryhçysumak: äý, bi ýöntem bolýa-laý, ýaşuly, diýýär. Ýöntem diýip, sen onuň düýp manysyna üns bereňokmy diýdim. Türkmen birini basyp aljak boldumy, ol hiç ýaňa gidenok ahyry, ol öz guýusyny, çölüni, malyny, düýesini goraýar, adyny-abraýyny goraýar diýip düşündirmeli boldy. Men bolan zady aýdýan.

T.J. Siz bilýänsiňiz, ýaşuly, menem şol temadan “Janserek” diýen roman ýazypdym. Meniň baş gahrymanym Rahman. Şoňa sosial taýdan passiw gahryman, ol romana baş gahryman bolmaga mynasypmy diýdiler. Men ony aktiw etjegem bolamok, ol giden bir sosial gatlagyň wekili. Ol öz düşünjesine gulluk edýär.

K.M. Rahmany aktiw etjek bolmanyň üçin, men romany okamdan soň şeýle ýazyp goýdum: o-ho-how! diýipdirin, gapdalyna ýazypdym,

saňa görkezerin: o-how, men özüme ýaran tapdym, men ýeke däl diýipdirin. Şony Garagalpagystanda işläp ýörkäm ýazdym. Men ýeke däl, men ýaly pikir edýän başga-da bar ekeni diýdim, men seni ýazyjy hökmünde şo ýerde tapdym. Romanda Rahmanyň iki tarapa janserek bolup geçişi bar, ol ne bolşewik, ne beýleki tarapyň goragçylaryndan! Görgüli barypýatan päk ýürekli türkmen, türkmene mahsus häsiýetli, hiç zatdan gaýtmajak, adalat, namys-ar diýip iki tarapa urnup ýören, horlanan ýigit. Adynam gowy tapypsyň: “Janserek”. Rusça terjimesine “Poterýannyý” diýipsiňiz, bu söz ol manyny berenok.

T.J. “Poterýannyý” – ýitirilen manysynda, iki tarapam Rahmany ýitirýär.

K.M. Hä, şol manyda bolýaram, ýöne türkmençe ady jüpüne düşäýipdir: “Janserek”. Janserek bolanlaryň köpelmegi bilenem graždanlyk urşy başlanypdy-da! Iki tarap uruşýar: ata bilen ogul, dogan bilen dogan…

## 10. Töhmet. Ýene töhmet!

K.M. Kollektiwleşdirmegi, kolhoz gurulşyny amal edip, halky ýerden-suwdan, maldan mahrum edip, basmaçylyk hereketini ýatyrdylar. Basmaçylyk hereketini ýatyrmazdan öň türkmeniň akyl-paýhasyny, işan-mollasyny ýok etdiler, milletçi diýip, onuň öňe çykan Wepaýew, doganlar Bekge, Kakajan Berdiýewler, Seýitmyrat Öwezbaýew ýalylar ýok edildiler. Gulmuhammedowy ”Eýrana geçjek bolupdyr” diýlip, töhmet atyp, Pöwrizede tutdular, ýok etdiler.
Adamlaň atylany, zyndana zyňlany sanardan, hasap¬lardan köp boldy. Olaryň garyndaşlarynam ýokladylar. Bu tutha-tutlugyňam örküji Gaýgysyz Atabaýewiň basylan ýylyna, otuz ýedinji ýyla düşýär. Galanynam urşuň öň ýanynda, soňra fronta iberip, gutaryldy diýse bolar.
Uruşdan soň, 1949-52-nji ýyllarda ýok ýerden bahana tapyp, gahryman däl adamlary, men şuny ulaldyp aýt¬maýyn, Baýmuhammet Garryýew, Mäti Kösäýew – ýönekeý adamlar, ýönekeý alymlar, bulardan howp edilýän kişi ýaly çişirip, türmä zyňdylar. Gaýyp

Nepesowam şolaryň biri. Basylanlaryň içinden bir adamy belläýin, ýogsa baryny şahsyýet hökmünde peseldäýdiň diýme. Mertleriň merdi bolup çykyş edip bilen, Merkezi Komitetiň býurosynda beýlekiler müzzerilip aglasalar-da, aglaman, men etdim şuny diýi¬bilen Orazmämmet Abdalowdyr. Býuroda, eşafotda diýmeli, kükregini gerip, gaýşarylyp, şol kitaplary çykarmaga rugsat beren men diýip bilen Abdalowdyr!
Ol “Türkmendöwletneşiriň” baş redaktorydy. Şahsyýetlerimiz bardy. Şol döwrüň taryhyna bap berilse, ony Orazmämmet Abdalowdan başlamalydyr! Men şuny ynanyp aýdýan, ol belent adamdy. Abdalowam gitdi, beýlekilerem gitdi. Bu tutha-tutlukda ýeke-ýekeden alyp başladylar… Men soňky wakalaryň şaýady boldum.
Gatnaşmak, gözüň bilen görmek iň ygtybarly taryhy çeşme. Bu gezek, esasan, türkmeni türkmene iýdirdiler. Iki türkmene-de wezipe berýärler, soňra ikisini çaknyşdyrýarlar. Men şu ýerde bir çaklama, wersiýa aýtjak, ýöne hany şony tassyklaýan dokumentiň diýseler, ynha diýmäge ýagdaýym ýok, men ol mahal arhiwlere goýberilmeýärdim. Gözüm bilen görüp, gulagym bilen eşidip, ýüregim bilen duýup aýtjak zatlarym bar.
1951-nji ýylda, iýun aýynda Türkmenistan Kompartiýasynyň Merkezi Komitetiniň 1-nji sekretary Şaja Batyrow milletçi, milletçileri goldaýar diýlen töhmet bilen wezipesinden boşadyldy. Ol mahallar bir endik bardy, birini wezipesinden aýyrjak bolsalar, okuwa iberýärdiler. Batyrow Moskwada ilki bir ýyllyk kursda okaýar, soň gaýtjak bolýar, emma goýbermeýärler. Bärde onuň ýerine goýlan adam, onuň töweregindäkiler Batyrowyň gelmegini islänoklar, şeýdip Moskwada galmaly bolýar. Soň sud edilenleriň arasynda bize şu kitaplary Batyrow çykartdy, getiriň, jogap bersin diýip, ony basdyrjak bolanlaram bar. Nähilidir bir gudrat bilen Batyrowy getirmeýärler, aman galýar. Indi Şaja Batyrow okuwyny gutaryp gelenden soň iş bermän ony kowalap ýören Merkezi Komitetiň 1-nji sekretary Suhan Babaýew.
Batyrow Jemgyýetçilik Akademiýany gutaryp, ylymlaryň kandidaty diýen at alyp geldi, ýöne uniwersitetden mugallymçylyk hem berenoklar. Şu ýerde iki sany adamyň adyny tutaýyn. Şol mahal

partiýanyň Çärjew obkomynyň 1-nji sekretary Juma Köýnekowdy. Merkezi Komitetiň ideologiýa sek¬retaram Nurjemal Durdyýewa diýen merdana gelindi. Şu ikisi birigip, Şaja Batyrowy Çärjew pedinstitutynyň rektorlygyna hödürlemekçi bolýarlar. Institutyň şol mahalky işläp ýören rektoryny işde saklar ýaly bolanok, bolgusyz adam, özem aýal meselesi bilen bulaşyp ýör. Köýnekowam ýaş, entek ol diýen durmuş tejribesem ýok. Köýnekow diýen adamyň bilim taýdan çuň düşünjesi bolmasa-da, sada, arassa adam. Seniň romanyňdaky Rahman ýaly adalat isleýär, häsiýetler¬inde-de meňzeşlik bar. Köýnekow öz teklibi bilen ilki Nur¬jemal Durdyýewanyň ýanyna barýar, olam Suhan Babaewiň ýanyna bar diýýär. Barsam, meni diňlemez, kowar goýberer diýýär. Suhan diylen adamda ne bilim, ne medenýiet bar, kemteresinden oturyp-turmanam bilenok. Bilýän sözleri: bas, kes, git, otur, sür! Onuň derejesi şol wagtyň kolhoz başlygy, ýa-da raýon suw hojalyk bölüminiň müdiri, şol wezipede-de işläpdir. Ogry, egri diýemok, işine ýüregi bilen berlen, par¬tiýa-da berlen. Kem ýeri ylmynyň, düşünjesiniň ýüzleýligi, paýhasynyň ýetmezligi, gödekligi. Belki, öňde onça görüm-göreldesi bolan däldir, bilemok. Onuň töweregem bar, organ işgärlerinden doly. Ikinji sekretaryň wezipesinde Grişaýenko atly bir bela-beter otyr. KGB-niň başlygam Moskwadan iberilen adam.

Köýnekowyň öz beren gürrüňine salgylanyp aýtsam, Babaýewiň ýanyna baryp teklibini aýdýar welin, seň akylyň çaşdymy, Batyrowdanam bir rektor bolarmy? Näme ol öň mugallym bolup işläpmidi? Diýip, Babaýew goh baryny turuzýar. Soňam: Nurjemal bilen gepleşdiňmi, bolmaz diýmedimi saňa diýýär. Köýnekowam: gepleşdim, ýöne ol-a beý diýmedi, meni siziň ýanyňyza iberenem şol, özi gelmedi diýýär.

Babaýew Nurjemaly çagyrýar. Soňra ikinji sekretar Grişaýenkonam çagyrýarlar, onsuz mesele çözüp bolýarmydy! Şol ýerde Batyrowyň meselesini çözýärler. Ol Çärjewiň pedinstitutyna rektor bolup gidýär. Ol wagt institut kiçidi, bäş-alty ýüz studenti bardy. Dört pedinstitutyň biri. Indi Batyrowa obkomyň birinji sekretary Köýnekow hossarlyk edýär, boýun almaly, öz döwründe dörän şahsyýet.

Biz basmaçylykdan başlap, Şaja Batyrowa ýetdik. Seredip otursaň, şu meseleleriň düýbünde birlik bar, olary türkmen kadrlaryna edilen zorluk, olaryň ýok edilişi birleşdirýär. Soňra Jumadurdy Garaýew, Balyş Öwezow dagy Suhan Babaýewiň daşyna geçdiler, ony işden aýyrdylar. Şol mahal Aşgabat obkomynda bölüm müdiri bolup işlämsoň, bu dawalardan, garpyşyklardan azda-kände habarym bar. Bir metod, bir usul dowam edýär. Babaýewe Batyrowy urdurdylar, Garaýew Babaýewi urýar, Balyş Öwezowa bolsa Garaýewi… öldürdýärler, Öwezowa Batyrowy ýykdyrýarlar…
Şeýdip, birek-biregiň etini iýdirmek syýasaty aýylganç ýagdaýda dowam edip gidip otyr. Bu kolonial sistemanyň klassyk metody, asyrlar boýy gelýän usul, “Agzyny alart-da, höküm sür”. Bu usul soňabaka hasam aç-açan boldy. Haýsy bir türkmeniň medeniýeti, düşünjesi, milli duýgusy, il arasyndaky abraýy artygrak bolsa, ýazyp bilýän bolsa, respublikanyň çäginden aňyrda tanalýan bolsa, şony ýok etmelidi.
Şu ýerde özüm bilen bagly ýüze çykan meseläni aýdaýsam nähili bolar, salykatsyzlyk edýär-ow diýmersiňiz-le. Çärjewiň pedinstitutynyň rektorykam, maňa ýok ýerden ol diýip, bu diýip günä baryny ýüklediler. Köp zatdan habarly adamlaryň biri ýanyma geldi. Meniňem dostlarym bardy, tanyşlarym köpdi, içinde akyllylaram ýok däldi. Akylly ýigitleriň biri: Kakajan, seni işden aýyrmaklarynyň düýp sebäbini sen bilýänem dälsiň diýdi, aýdyp berdi. Saňa üç punkt boýunça günä ýüklediler. Biri milletçilik meýilleri bilen keselländigi üçin diýdiler, milli lider bolmaga hyýal edýär diýdiler, töweregine adam ýygnapdyr, ony diňläp başlapdyrlar. Seniň pedinstitutyňa Türkmenistandaky WUZ-laryň arasynda iň öňdäkisi diýipdirler. Sowet Soýuzynda pedinstitutlara berilmeýän harby kafedra seniň institutyňa berlipdir diýdiler. Seniň adyň ilki Lenin, soň Döwlet baýragyna hödürlenenleriň arasyna salnypdyr diýdi. Hawa, ol zatlar bolupdyr, taň edipdir, olaryň bu taýda roly nämy diýsem, ýaňky adamyň maňa beren jogaby bar: halk seni diňläp başlapdyr, halk seni halap başlapdyr. Sen kommunizm guruljak diýilýän zat ýöne bir dildäki zat, kommunizm hyýal, onuň guruljak gümany ýok diýipsiň diýdi. Beýle günäni kime

ýöňkeseň ýöňkäp durmaly-da! Onsoňam, milli mesele çözüldi diýilýär, onuň entek çözülen zady ýok, deklorativ sözler diýipsiň. Dördünji punktam bar: sen Hytaý kompartiýasy bilen KPSS-iň arasynyň bozulmagynyň düýp günäkäri KPSS diýipsiň diýdi. Bu zatlar meniň düýşüme-de girenok, dost, birinji aýdan punktuňda az-kem esas bolmagy mümkin diýdim, belki, paýhasym ýeten däldir, özüm edemok, dogrudanam, adym biraz galdy diýdim. Ine, şeýle ahwalaty öz başymdanam geçirmeli boldum.

T.J. Siz-ä biraz öňki nesliň gürrüňini edýärsiňiz. Biz sizden soňky nesil. Ynha, men altmyşynjy ýyllarda edebiýata gelen nesiliň wekili. Sungatda, edebiýatda adygyp, SSSR-iň möçberinde tanalyp başlan adamlaryň üstünden ikinji sekretar Wasiliý Rykowyň gurnan şeýle bir kontroly, gözegçiligi bardy, heý, goýaý! Özüm bilen bagly bir fakt. Moskwada eserlerim rus diline terjime edilip çykarylýardy. Emma bärde neşirýatyň planyndan zyňyp otyrlar, ýogsa, şol eserlerim türkmen dilinde “Sowet edebiýaty” žurnalynda-da çap edilýärdi, has öňürti çap edilýärdi, soňra “Družba narodow” žurnalynda rusça çap edilýär, emma kitaba gezek gelende, saklap durlar. Bir gezek Rykowyň öz ýanyna bardym, ”bu nähili beýle bolýar?” diýdim. Ýagdaýa belet bolansoň, diňläp, ýylgyryp otyr. Şol berk gözegçilik dowam etdi gitdi oturdy. Milletçilik duýgusynyň ösmeginden juda ätiýaç edilýärdi.
Ýaşuly, biz milli azat edijilik göreş hakynda, ýagny, basmaçylyk hakynda söhbet etdik. Döwürler üýtgedi. Häzir öňki sowet respublikalaryň hasabyna birgiden garaşsyz döwletler döredi. Indi taryha gaýtadan ser salmak zerurlygy duýulýar. Eger wagtynda zerurlygy duýup, ser salyp bilseg-ä tapylgysyz zat, ýöne entekler başardar öýdemok. Ýaňky siziň aýdan nukdaýnazaryňyzdan, milli azat edijilik göreşiniň, geçen döwrüň taryhyny şu biziň tanap ýören taryhçylarymyz ýazyp bilerlermi?

K.M. Asla ýazyp bilmezler! Ýanyna-da baryp bilmezler, sebäbi bular ol temadan daş. Olaryň arhiw materiallaryndan daşdyklaryny aýtjak bolamok, duýgulary daş, garaýyşlary daş.

Olar meniň aýdan pikirime garşy, başarsalar meni togtatjaklar. Ýüzüme aýdyp bilmeselerem, ýeňsämden hyşy-wyşy edişip ýörler. Häzir mekdepler üçin programmalar taýýarlanylýar, çap edilýär, şularda-da meniň nukdaýnazarym bilen bagly pikirler, temalar ýok, köpüsi öňki zatlar.

T.J. Olary öler ýaly gorkuzan sowet ideologiýasy gitmed¬imi näme?

K.M. Gitse-de, olaryň özleri bar-a! Olaryň kellesi, duýgulary, düşünjeleri üýtgemän dur ahyry! Olar taryhçy hökmünde şu tema, şuňa meňzeş temalara gezek gelende, öli. “Diri maslyklar” diýilýärmi?

T.J. Hawa, Lew Tolstoýda bar. Taryha gaýtadan garamaga ýaş alymlar gerek, ýaş nesil gerek.

K.M. Olar entek ýetişenok. Bu temalary işlemäge janly şaýat bolanlar, wakalaryň içinde gaýnap-bişenleriň bolmagy zerur. Men häzir özümde kanagat duýýan, özümi bagtly saýýan. Syrkawlygyma, halymyň juda pesdigine garamazdan, seniň gurnan şu söhbediň dowamynda bir zatlar aýdyp bildim. Şuňa çynym bilen begenýän. Bir zada berk ynanýan, şol herekete gatnaşanlara milli azat ediş göreşine gatnaşan adamlar hökmünde baha beriljegine şübhelenemok. Şol adamlar türkmeniň ady, abraýy üçin, emlägi, namys-ary üçin päk ýürekden ele ýarag alyp ata çykan adamlar. Elbetde, “süri agsaksyz, çöl börüsiz bolanok”. Basmaçylaryň arasyna iki sany gatnaşmasyz topar sokulyp giripdi. Bir-ä, etmiş edip, günä iş edip, obasyna sygman, ata çykyp baran galtamanlar. Olary Jüneýit dagy gowy tanapdyr, Jüneýdiň “itden çykaryň” diýen belli sözi şolar bilen bagly döräpdir. Beýlekisem, basmaçynyň içine ýörite iberilen içalylar. Olar köp iberilýärdi. Olary-da Jüneýit tanapdyr. Basmaçylary hapaçylyga, talaňçylyga iterip ýörenem, esasan, şol iki toparyň adamlary. Olar milli azat ediş göreşi üçin ýazgarylan Jüneýit ýaly adamlar däl. Hakyky basmaçylaryň ýüregi akdy. Şu gün halys köp gaýtalanyp, lenç edilen watan diýen söz bar, ana, şol sözi hakyky manysynda

duýup, ony il-günüň namysy bilen baglap bilen adamlar bolupdyrlar.
Indi jemläp aýtsam, basmaçylyk hereketi diýlip, bilkastlaýyn ýoýulan, ýazgarylan, şeýle manyda taryh ylmyna salnan, hakykatda welin, päk mazmunly göreş, ýagny, milli azat ediş göreşiniň taryhy entek ýazylanok. Gynansagam, entek bu ýakynda ýazyljaga meňzänok. Şu günki gün taryh institutynda taýýarlanýan tomlarda şu temany ýazmaklyk maňa tabşyrylypdy, ýazyp gutarmankam syrkawlaýdym.

T.J. Enşalla, sagalyp gidersiňiz.

K.M. Ýagdaýymy özüm gowy bilýän. Ynha, şu gün gelip, sen meni diňleýäň, meniň üçin şu uly bagt, men şuňa gaty begenýän. Men bir zady bilýän, şu tema ertir, Tirkiş, sen eýe çykarsyň, hä, eýe çykarsyň!

Söhbetdeşlik